# Gündelikde galanlar -19/ dowamy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler,Taryhy şahslar,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gündelikde galanlar -19/ dowamy 25.08.2009

Düýn howa gowy boldy. Jokrama yssylardan soň howa salkyn. Öýlän gök gübürdäp, güýçli ýagyş ýagdy.
Kakabaý Ataýewe täze çykan “Seniň söýdük gara gözleň” atly kitabymy sowgat berdim. Kitabyň 200 ekzemplýaryny “Türkmenkitaba” äkidip, bahasy 15 müňden (täze baha 3 manat) satmak üçin şertnama baglaşdym.

02.09.09.

Babamyz Hudaýberen serdar Babasadyk ogly. Ejesiniň adyna Beýmaga diýýän ekenler. Eýranly seýit gyzy. Serdaryň bäş sany aýal dogany bolupdyr. Bir doganynyň ady Nowargül. Ol Kelbaýyň aýaly. Pahyr Eýranda ýogalypdyr. Nowardan bolan Ogulgurban daýnaly Kakabaýya durmuşa çykypdyr. Serdaryň başga bir dogany Gurbangül hem Eýranda ýogalypdyr. Toýçy ýeňňäniň gardaşynyň aýaly. Garşy edilen. Ogulmeňli Nowruzhanda. Oňa Jemal emme hem diýilýän eken. Uzyn boýly. Men ony görüpdim. Gülendam atly aýal dogany Kakabaý bilen Nazaryň ejesi. Gülendam aýdymçy Kerim Gurbanalyýewiň garry mamasy. Oguldöndi bolsa Gurban Agalynyň garry enesi. Gurban Hallyýewiç köp ýyllaryň dowamynda ýolbaşçy komsomol we partiýa işlerinde işledi.
Ogulgurbanyň ogly Didar, gyzy Enebaý. Başga bir gyzy Hurma (Çary Aky), ýene birküç gyzy bolmaly. “Ogulgurban emmämiň özi idäp gelýärdi.“Gelin alsaň iýmäge gelýär, içmäge gelýär. Ýar bilen guçmana gelýär” diýýärdi. “Ýogsam götüňi açar” diýýärdi.
Kakabaýyň Gurbansähet diýip ogly bardy. Emmemden öň öldi. Kakabaý molla adamdy. Kakamyň ýanyna gelýärdi. Ogulgurban oraza, namazyny sypdyrmaýardy.
Hurmanyň bir gyzy Durdy ýegende. Ogulgurban Daýnada ýaşady.

“Aý, balam dünýädir-dä” diýýärdi.
Daýnaçy Arzy eje meniň bilimi yssy çörege züme sepip ýapdy. Garnyma birini, birini arkama ýapdy. Meretden soňky gyz öldi, ölüp direldim.
Arzy eje kakam bar wagty gelýärdi. Owadan aýaldy. Kakabaý öň öýlenen, aýaly ölýär. Iki çagasy galýar. Muhammetguly Ogulgurbanyň öweý ogly.
Ogulgurban Didaryň öýünde, Aşgabatda ýogaldy. Heniz bili-hä bükülmändi“ diýip, ejem daýzalaryny ýatlapdy.

05.09.2009

Sagat bäşlerde “Garagum” magazininiň öňünde ýazyjy Tirkiş Jumageldiýewe gabat geldim. Salamlaşdyk. “Ýeke özüň ýaşaýaňmy?” – diýdi. Aşyry we beýleki inilerimi sorady. “Wagtyň bolsa oba gezmäge gideli” diýsem, “Her zadyň öz döwri bolýar” diýdi. Öň 1989-da onuň bilen Garrygala, Gyzyletrege syýahat edipdik. Ýanymyza Atamyrat Atabaýewi hem alypdyk. “Işleýäňmi?” diýip, ýerliksiz sorag berenime soň düşündim. “Nirede?”, “Döwlet edarasynda”, “Näme bileňokmy, men “Edebiýat we sungatdan” soň (baş redaktor, 1990-njy ýyla çenli) hiç ýerde işlämok“
“Maňa-da iki ýyl galdy pensiýa” diýsem, ol “Obamyzda bir ýaşuly bardy. Iki dogan, kakalaryna-da Jumageldi diýýärdiler. Iki doganyň biriniň – ulusynyň ady Jommudy. Ýaşuly beýlekisine garap: “Seň Jommudan ulurakdygyň-a bilýän. Ýöne kakaň bilen nähilikäň?” diýip gülüşdirýärdi. “Allaýar Çüriýew pensiýa alanok” diýseler, adamlar geň göräýmese. Sen haýsy döwrüň adamy” diýip degişdi.
07.09.2009

Kakamyz – Çüri Çaryýew ellinji ýyllaryň ahyrlarynda oba magazininde işledi. Bir gezek magazinde öz garyndaşymyz bir aýagy agaç protezli Saparjan çolak (Saparmyrat Geldimyradow) diýen adam düşnüksizlik ýüze çykyp, kakama agzyna gelenini aýdýar. Ol “Frontda ölen Allaýaryň (Allaýar kakamdan ulusy) «agzyna s…….” diýip sögüpdir. Magaziniň öňünde oturan oba adamlary “Çüri indi munuň bilen ýaka tutuşar. Garpyşarlar”

diýip garaşypdyrlar. Emma kakam sesini çykarman, magazine girip gidipdir.
Şondan birnäçe günden soň kakam hajathana girende magaziniň ähli açary aşak gaçýar. (Hajathana, ýalňyşmasam dükandan kän daşda däldi). Hajathana çuňdy. Merdiwan bilen girmelidi. Kim girjek? Muny eşiden Saparjan çolak merdiwany sallap hajathana girip, açary aldy. Kakamyň öňünde-de “Bagyşla. Men öte geçen ekenim” diýip ötünç sorady.
Saparjan aga birküç ýyllykda ýogaldy. Ol ömrüni jaý agardyp geçdi. Oglan wagtlarymyz biziň öýümizi hem kän gezek agardypdy.

* * *

Goňşy Çukurtýurt obamyzda Kaka kiçi (Kaka Baýramsähedow) diýen adam ýaşaýardy. Ony ir döwürlerde goşun gullugyna çagyrypdyrlar. Oňa raýon merkezinde – Garrygalada kakam sataşypdyr. Hal-ahwal soraşýarlar. Kaka kiçi özüniň goşun gullugyna gidýändigini aýdýar. Kakam şonda oňa şo döwrüň puly bilen 25 (ýigrimi bäş) manat pul beripdir. Kakamyň şo ýagşylygyny Kaka kiçi diýen adam ömrüniň soňuna çenli märekelerde gürrüň berip gezipdir. Ol jaý salýanlar üçin gaýalardan daş ýykyp berýärdi. Biz jaý salanymyzda Kaka kiçi kän daş ýykyp beripdi.

* * *

Obamyzda Hydyrguly işan (ol Nepesdurdy işanyň agtygy, Nygmatulla işanyňam ogludy. Onuň bilen baglanyşykly bir wakany gürrüňimiziň soňunda ýazaryn) ýaşaýardy. Onuň aýaly Gülnahal meniň enemiň – Nowbaharyň bajysydy. Enem Aşyr jalaýyň gyzy. Onuňam iki aýaly bar eken. Aşyr jalaý Molla Ysmaýyl ahunyň ogly. Molla Ysmaýyl ahun Ahalda ady belli Goçmyrat ahunyň uly dogany. Goçmyrat ahun 1919-njy ýylda ysmaz keselinden ýogalypdyr. Onuň ölümine bagyşlap, Mätäji şahyryň şahyr ogly Molladurdy elegiýa goşgusyny ýazypdyr. Molla Ysmaýyl ahun hem ysmaz keseline duçar bolup köp ýyl düşekde ýatyp, 1930-njy ýyllaryň başlarynda Könekesirde ýogalan.

Ine, şol işan aganyň ogly Kerim (ol biziň çykanymyz bolýar) mekdepde mugallym bolup işledi. Üstünden arz edilenden soň birki gezek kakam (ol şo wagt – 60-njy ýyllaryň ortalary – oba Sowetiniň başlygy) ony işde alyp galypdy.
Üçünji gezek okuwçy gyzlar onuň üstünden arza ýazypdyrlar. Ony obada sud etmek üçin raýondan geldiler. Hydyrguly işan, Gülnahal daýzam kakamy öz gününe goýman geldiler. Kakam indi üçünji gezek olara ýüz tutup bilmejegini aýtdy. Sud, prokuror öýde naharlanýardylar. Şonda enem kakama ýalbaryp aýtdy. Kakam eneme-de şony aýtdy. Şonda enem: “Maňa rugsat ber. Suddan özüm haýyş edip göreýin” diýdi. Kakam rugsat berdi. Enem ýaşy birçene barsa-da ýaşmagyny eli bilen agzynyň bir çetinde saklap ýagdaýy aýtdy.
Doganym Baýjan (çaga bolansoň) enemiň gapdalynda eken. Enem aglap arzyny aýdypdyr. Şonda raýondan gelen suduň başlygy: “Garry ene, aglama. Ölüm işem bolsa seniň üçin bu işi gowulyga çözeris” diýipdir. Ýogsam Kerimi işden çykaryp, ýyl kesjek ekenler. Barybir Kerimi birnäçe wagt geçenden soň, başga bir iş üçin işden boşadyp, ony obadan çykardylar. Bäherdende mugallymçylyk etdi. Hydyrguly işanam, Gülnahal daýzamam, beýleki doganlaram onuň bilen göçüp gitdiler. Işan ýogalandan soň, Kerim ejesini har saklady. Kerimi men Krasnyý Krest bolnisasynda, dawleniýem has ýokary galany üçin “Tiz kömek” maşyny bilen äkidenlerinde, şo ýerde gördüm. Soňky gezek görşüm boldy – bu 2000-nji ýylam bolmagy mümkin. Şondan soň birki ýyldan soň ol ýogalypdyr. Daýzamam ondan soň ýogaldy. …
Indi ýaňky gürrüň berjek diýýän zadym hakda.
Nygmatylla işan bilen Baly kelte (biziň atamyza Çary Baly diýýärler, Çary Balynyň kakasy hem Baly kelte) ýegre dost ekenler. Waka XIX asyryň ahyrlaram bolmagy mümkin. Işan gelni Ogulşirin totamyň (men ony ýaş wagtlarym görüpdim) bir zada gahary gelip talagyny beripdir. Soňam köşeşipdir. Indi nätmeli? Şerigata görä, talagyny berenden soň, talagy berlen aýaly başga bir ynamdar adam bilen nikalaşdyrýarlar. Ol adamam üç günden soň aýalyň talagyny bermeli. Öňki talak beren şondan soň aýalyny täzeden nikalap alýar.
Şeýtmek maksady bilen işan aga dostum diýip, heniz öýlenmedik

Baly keltäni totam bilen nikalaşmaga boýun edýär. Üç gün geçýär. Baly totamyň talagyny berenok. Ol obada-da ýok. Üç günden soň daga gaçyp gidipdir. Işan muny Balynyň doganlaryna aýdypdyr. Doganlary ony dagdan gözläp tapyp ýenjipdirler. Oba getiribem totamyň talagyny alypdyrlar.
(Birwagtlar şuňa meňzeş “Адам и Ева” atly çeper filme-de tomaşa edipdim).

* * *

Inimiň gürrüňi:
– 80-nji ýyllaryň ahyrynda TKP Mary obkomynyň birinji sekretary bolup işlän Çary Gijenow şeýle diýdi. – Mary şäherinde ýaşaýan nohurlylaryň birini milisiýa işgärleri ýygnapdyr. Adamlary kabul edemde biri maňa Çüriniň adyny berip kömek sorady. Men milisiýa jaň edip, “şol adamy boşadyň” diýdim – diýip, Çary Gijen aýdypdyr.
Çary Gijenow altmyşynjy ýyllaryň ahyrlarynda Garrygalada işledi.

* * *

Kakam ýogalmazyndan bir gün öň (06.04.1992) sagat öýlän dörtlerde işden motorly gaýdyp gelýärke, doganoglany Gaýyp Begä duş gelipdir. Ol Gyzylarbatdan ýük getirmek üçin gidýän eken. Gaýyp kakamyň deňine gelende, maşynyny saklapdyr.
– Nirä?
– Gyzylarbada. Ýük getirjek. Ertir gelerin.
– Ertir gelseň, ýüküňi düşürmän, göni öýe gel.
– Bolýar.
Ýanyndaky ýoldaşy geň galyp, bu gürrüňiň näme many berýändigini Gaýypdan sorapdyr.
Gyzylarbatda Gaýyp ýüki almak üçin baranda uky basmarlaýar. Şo wagtam obadaş şofýory Nurgeldi Aşyr oňa: “Çüri awaň ýogaldy” diýen habary aýdýar. Şobada, ýükem alman, oba gaýdýar. Dogrudanam kakamyň aýdyşy ýaly, Gaýyp hiç ýere sowulman, göni biziň öýümize geldi. Bizem Aşgabatdan gelip durşumyzdy. Gaýyp maşyndan ylgap düşüp, “Waý, kakajan” diýip, howla girdi. Howly

adamdan dos-doludy.
Kakamyzy jaýladyk. Jynazasy okalanda, adamlara ýer tapylmady. Hemme ýerden – Garrygaladan, Gyzylarbatdan (işlän ýerinden) gelen adamlar köpdi. Oba adamlary gonamçylykda munça adamy hiç haçan görmändiklerini aýtdylar.
Frontçy obadaşymyz Meret Nowruzhanyň: “Çaryklaryň çynary ýykyldy” diýenini özüm eşitdim. (Çaryklar – tiräniň ady).

09.09.2009

Sergiler köşgünde Ylymlar gününe bagyşlanan serginiň açylyşy bolýar. Sagat 9-da şo ýerik barmaly diýlensoň bardyk. Sergi 9-da-da, 10-da-da açylmady. Sagat 11-den işlänsoň ýykyk-ýumruk ýerlerden geçip, TKP MK-nyň birinji sekretary bolup işlän Muhammetnazar Gapurowyň ýaşan öýüniň gapdalyndan geçdik. Men ýoldaşym Myrat Jumaýewe: “Pahyryň ýaşan öýi häzirkiler bilen deňeşdireňde hiç zadam däl eken” diýdim. Myrat şonda Gapurowy göçüren oglanyň öz obadaşy bolandygyny aýtdy. Ady Hemra. Ýuwaş oglan eken.
1988-nji ýylyň 30-njy ýa-da 31-nji aprelde futbola tomaşa edip gelip, tarpa-taýyn ýogalypdyr. Uniwersitetde fizika kafedrasynyň aspiranty. Ol Gapurowyň öý goşlaryny göçürmäge özi gatnaşypdyr. Jaýyň açaryny hem MK-nyň uprawdelamyna (Popowa ýa-da başga bir işgärine) özi gowşurypdyr. Ýöne ol ýerde: “Jaýyň içini görer ýaly däl. Tok simlerine çenli goparypdyr Gapurow” diýip, habar beripdirler.

10. 09. 2009

Şu günki “Edebiýat we sungat” gazetinde täze çykan “Seniň söýdük gara gözleň…” atly kitabym hakynda habar berlipdir (3 sah.). 2-nji sahypasynda bolsa kompozitor Ata Esadow, aýdymçylar Atageldi Garýagdyýew, Gurban Gummanow dagy bilen düşüren suratymyzy (suratçy Stanislaw Korytnikow ) beripdirler. Gynançly ýeri, o suratdan meni kesip aýrypdyrlar. Ýogsam bu surat ozal şo gazetde çap edilipdi. Näme üçin beýle bolandygyny sorap, baş redaktora jaň etdim. Habarsyzdygyny aýdyp, başga suratym bolsa “Getirip ber. Indiki nomerde

bererin” diýdi.

24.09.2009

Dil we edebiýat institutyna işe barmakam (07.03.2007 ý), Maýa Çaryýewa diýip bir işgär bar eken. Alymlar geňeşinde işini geçirmeli däl diýip görkezme berlensoň, 7 adamdan ybarat topar döredilýär. Diňe ýene onuň hem işini däl-de, ýene-de Gülälek Amandurdyýewanyň, Aýna Osmanowanyň işlerini hem geçirmeli däl. Maýanyň işine baha bermegi Nuralyýewe tabşyrypdyrlar. Ol işi agyr ýazylanlygy üçin kabul etmeli däl diýen teklibi orta atýar.
Diňläp oturan Maýa: “Işi özi ýazdy ahyryn” diýip, aýdanyny özi hem duýman galypdyr. Bu täsin wakany maňa toparyň agzasy filologiýa ylymlarynyň kanditaty Şirin Gurbanowa gülüp gürrüň berdi.

28.09.2009

Sergiler zalynda Halkara kitap ýarmarkasy açyldy. Täze çykan “Seniň söýdük gara gözleň…” atly kitabym “Ylym” neşirýatynyň pawilonynda goýlupdyr.
Täjik ýazyjysy Ata Hamdam bilen tanyşdym. Ol maňa geçen ýyl Duşanbede türkmen şahyrlarynyň täjik dilinde çykan kitaby ibermäge söz berdi. Kitapda meniň hem goşgularym bar.
Ýarmarkada Gurbanýaz Daşgyn, Orazguly Annaýew, Atamyrat Atabaýew bilen görüşdim.
Türkmen arhiwçileriniň bölüminde menden: «Zadyňy tabşyraňokmy?” diýip soradylar. “Biziň zadymyz kime gerek?” diýsem, şo ýerde oturan bir adam; “Saňa Gylyç Berdiň gyzy garaşyp dur” diýdi. Men segseninji ýyllaň ahyrlarynda arhiwe gatnamda ol maňa material tapmaga kömek eden bolmaly. Keşbi ýadyma düşenok.
”Şöhratyň” 2-nji tomunda “Uruş weteranlary” atly goşgymy gördüm.

04.10.2009.

Düýn Gökdepä, Nowata obasyna – ýazyjy Kakaly Berdiýewi soramak

üçin Kakabaý Ylýasow bilen ýola düşdük. Kakaly Berdi ýatan eken. Aýaly bilen salamlaşyp, bir käse çaýlaryny içdik. “Birki günden bäri ýaramok” diýýär. Kellesi, elleri sandyraýar. Dili agzyna sygmajak ýaly bolup gürleýär” diýdi. Men onuň ýatkeşligini sorasam, aýaly “ýatkeşligi gowy” diýdi.
Kakabaý: “Indi birki ýyldan bäri ýatkeşligim ýok. Öňki zatlar ýadymda, soňkular ýadymdan çykýar. Içen dermanym kellämi aldy” diýdi. “Kim o dermanlary saňa beren” diýsem, ol “Gubanowyň aýaly” diýdi. “Ukym tutanok” diýsem, şony naznaçat etdi. Soňam tanyş biri gelip, “Bu dermanlary içme. Howply diýensoňlar, içmedim” diýdi.
Kakabaý düýn ejesi Dursunjemaly, daýylary Hasymguly, Arap, Täşli dagyny köp ýatlady. Dursunjemal Kakalyň ejesi bilen atdaşdy. “Men barsam, daýzam “Gel, bi meniň öz oglum” diýerdi” diýip ýatlady. “Ejem 1995-nji ýylda, kakam 1970-nji ýylda ýogaldy”.
–Baýýa daýym (Baýram Gurban) fronta gitdi. Uruşdan soň general Bagşy Ataýewiň orunbasary, Bagşy Ata Kenigsbergiň komendanty, daýymam onuň orunbasary bolupdyr. 1946-njy ýylda gelip, 1947-nji ýylda Hasymguly daýymy öýerdi. Gelende ýanynda bir item bardy. Onuň ady Kenigsbergdi.
Täşli daýym doglandan üç aý geçenden soň mamamam, babamam ýogalypdyrlar. Täşlä meniň ejem seretdi. Ejeme bir zat bolsa Täşli aglar durardy.
Uruş döwründe biz Täşli bilen kartoçka bilen zat paýlýanýan dükana, dükan şumatky weteranlar edarasynyň gabat garşysynda, burçda ýerleşýärdi, dükançy Atabally Myradyň (kinostudiýada köp ýyl işledi) agasydy. Bardyk, ol bizden “Kimlerdensiňiz?” diýip sorady. Täşlem: “Ylýasyň ýüwürjisi” diýdi. Kakam frontdady. Kakamy istoşenniý bolany üçin 2-3 adam göterip frontdan getirdiler. Arap daýym uruş döwri radioda işleýärdi. Ejem oňa bir buhanka berip, aýal tigrini alyp berdi, ors goňşymyzdan.
Ejem Araba: «Seniň adyň bir harpyny aýryp, “arak” goýmaly eken” diýýärdi. Nurjemal Durdyýewa ony işden kowdy. Sebäbi olar Aga Tagan ikisi işdäki sagady satyp, arak içipdirler.
Gämide mugallymçylyk etdi. O ýerdenem işden kowdular. Baýýa

daýym Hasymgulyny 1947-nji ýylda öýerdi.
Hasymgulynyň bir gulagy gowy eşitmeýärdi. Bir gezek çig kesegi zyňyp goýberende, tasdanam gözüme degipdi.
Daýylarymyň hemmesi ýazan zatlaryny ejeme okap berýärdiler.

rabyň "Öýlänçi" powestindäki wakalar öz başymyzdan geçen zatlar. Hor sygrymyzy et kombinatyna tabşyranda yzyna gaýdyp gelipdir. Kakam ony ýene yzyna äkidipdir.
Hasymguly aýaly, oguljygy bilen ýer titrände kesegiň aşagynda galdy.
Öwezdurdy Nepese eden ýagşylygym köpdür. Ýöne dünýäde biri haramzada bolsa şodur. Oraz Aýdogdy bilen dost bolup, halk ýazyjysyny aldy. Jürdekow ikisiniň familiýasyny umumy spisoga goşup, Nyýazowa gol çekdiripdir Aýdogdyýew.
Öwezem, Orazam ikisem hoja. Orazyňam aňyrsy Garrygaladan eken. Muny maňa Hojamyrat Goçmyradow aýtdy. Soň ýene biri – Hudaýberdi diýip daşhowuzly bir gowy ýigit – Myrat Rejebiň doganoglany aýtdy.
Kakamyrat Ballyýewiň toparyna sakgallaklar diýilýär. Olary öň halaman Köşi obasynyň bir çetine çykarypdyrlar. Seň bir makalaň "Edebiýat we sungatyň" 2-nji sahypasynda çykdy (ol meniň "Otuz ýediň pidasy" atly makalam hakda aýdýar, 1988 ý., 18 maý – A.Ç.). şonda Ballyýewiň atasynyň familiýasy bar eken. Muny men bilemok. Köşüli bolansoň Ejew (aýaly, çyn ady Annabibi) aýtdy. Ejewiň kakasyny hem basdyran şonuň atasy. Ejew şonda: "Kakamyrat Allaýardan ir-u-giç ar alar" diýdi. "Aram aldy-da" diýip men aýtdym.
Ejewe öýlenenimden üç gün soň ol: "Kakabaý şol oglan bilen tirkeşýär. tirkeşmesin" diýip aýtdy. Men "Barybir sen oňa kömek etdiň-le" diýip öz içimden pikir etdim. Kakamyrat Ballyýew köp oglanyň başyna ýetendir. Meniň özümi nähili horlady?! Abadan Seýitgulyýewa aýallar žurnalynyň baş redaktorynyň orunbasary edip meni işe alanda iki gün işletmän, Oraz Aýdogdy ikisi işden gideripdiler. 1995-iň ahyry. Özümem gaty näsag halym, 1994-nji ýylda redaktorlary ýygnap: "Allaýar Çüriýewiň materialyny bermäň" diýenem şol.
"Bir soragyň ýigrimi ýyllyk sütemi" atly kitabymy Gylyçmyrat

Kakabaýew ikisine awtograf ýazyp iberemde 5-10 günden soň kitaby hususy neşirýatynda çapa taýýarlan Annameret Durdymämmedowy yzarlap, tasdanam basdyran eken. Şondan soň ähli hususy neşirýatlaryň işi togtadyldy.

22.10.2009.

Şu gün Toýly Keriminiň belli gününe – ýedisine bardym. Mämmet Orusy, Alikper Güseýinowa gabat geldim. Mämmet: “Seni elmydama ýatlaýandyryn. “Sumbaryň nary” aýdylanda seni göz öňüne getirýän. “Deňiz guşum” aýdylanda-da şeýle. Döwletgeldi Ökdir bilen kän gatnaşyk edendirin. Onuň gyjakçysam bolupdym” – diýdi.
Alikper: “Arada Daňatar Öweziň suratyny medeniýet institutynyň rektoryna görkezende, ol: “Bi Gurbannazar Ezizowmy?” diýip tanamady. Alikper: “Institutda işleýän” diýdi.

27.10.2009

Şu gün Kakabaý Gurbanyň aýalyny jaýlamaga baramyzda, Pirnepes Öwezliýewden ýazyjy Kakaly Berdiýewiň düýn ýogalandygyny eşitdim. Ol soňky döwürde Gökdepäniň Nowa obasynda ýaşaýardy. Biz ýarym aý mundan öň Kakaly Berdi hakynda (“Edebiýat we sungat” gazeti – 09. 10. 09) ýazan makalamy oňa görkezmek üçin Kakabaý Ylýas bilen onuň öýüne baryp gaýdypdyk. Ýatansoň “turuzmaň” diýensoňlar, görüp bilmän gaýdypdyk.
Ol 1925-nji ýylda doglan bolmaly. Geljek ýyl 85 ýaşajak ekeni. Ertir (üçünji gün) üçi, dynç alyş güni hem ýedisi. Kakabaý Ylýas bilen baryp geleli diýişdik.
Şu gün ýas ýerinde ýazyjy Baýram Abdyllaýew bilen görüşdim. “Allaýar taryha girdi” diýip, ol aýtdy. “Nähili?” diýsem, ol men hakdaky gepleşigiň taryhyny gürrüň berdi. Ol 2005-nji ýylda bolupdy…

18.11.2009

Düýn Ylymlar akademiýasyna Oraz Çaryýewiň ýanyna çagyrdylar. Gurbandurdy Geldýewiň orus klaslary üçin 7-nji klas okuwçylaryna niýetlenen edebiýat okuw kitabyna syn ýazypdym.

Şu gün institutyň öňünde Atajan Tagana gabat geldim. Bäş-alty minutlap elimi goýbermän gürrüň berdi. Institutda wakansiýa bar diýip gelipdir. Kakaly Berdiýew hakda ýazan makalaňy tapamok diýdi. Kakalyň ýedisine B.Jütdiýew bilen baryp gelipdir. A.Atabaýewe aýdanda (maşyny bar) bahana tapypdyr. “Kakaly şoňa konwerde salyp 10 manat berjek diýse, barardy” diýip aýtdym diýdi.
Bir gezek Murgapda bir ýoldaşynyň garyndaşy türmeden boşap gelipdir. Şonuň bilen onuň öýüne gitdik. Ýaşuly adam eken. Bir kitap bolsa okap çykypdyr. Şo ýerde meniň bir eserimiň esasynda düşürilen filmde gahrymanyň bir ýerine bellik etdi. Şonda ýoldaşym: «Eseriň awtory, ine, ýanyňyzda, Atajan Tagan” diýdi. Ýaňky muňa asla ynanmady. Soňundan ol “Men muny ýaňy türmeden boşap gelen adam” diýip pikir etdim” diýdi. “Daşky keşbimi görüp, başlygyňyz meni işe almasa gerek” – diýip, güldi. Başlygyň doly adyny sorady. “Propiskam Murgaba degişli, işe alsa meni o ýerden propiskadan çykyp biljek” – diýdi. Hoşlaşanymyzda “Men seni gowy görýän. Meni öýlendirjegem bolduň sen” diýdi.
Bu şeýle bolupdy: Biz ýetmişinji ýyllaryň başlarynda Moskwada okaýardyk Atajanam Moskwada işleýär. Ol aramyzda okaýan bir gyzymyza söz aýdyjy edip Alty Akmämmedi meniň ýanyma iberipdir. Soň ol bizi – Aýjan Ataýewany, Gulýa Sakalowany, Oraz Aýdogdyny, Aýbölegi, meni öýüne myhmançylyga çagyrdy.
Bir gezek ol meni aýratyn çagyrdy. Öýünde Täşli Gurbanam oturan eken.Ol şonda “Gel, obamyň lälesi” aýdymynyň sazyny dutarda ökdelik bilen çalyp berdi. Aýdymyň goşgusyny meniň ýazanymdan habarlydy.
Gyz barybir Atajana göwnemedi. Ýaş tapawutlary ep-esli bardy.

19.11.09

Ýaňy Bela Bagdasarowa jaň etdi. Şu gün Lina Semýonowna Polowinkinaň doglan güni eken. Ol Astrahana göçüpdi. Bela diş doktory Robert Zaharýandan haýyş edip, ony doglan güni bilen gutlaň diýen eken. Ol jaň edende adamsy Wadim – “Lina ýogaldy”diýipdir. Haçan ýogalanyny bolsa soramandyr. Eger diri

bolan bolsa, Lina Semýonowna şu ýyl 75 ýaşamaly eken. Ol gowy žurnalistdi. Meniň köp makalalarymy we goşgularymy rus diline geçiripdi. Astrahana göçende men ony birnäçe gezek demir ýol stansiýasyna – 90-njy razýezde maşynly äkidipdim.
Astrahanda olaryň telefony: äri – 8107 – 25-80-18; gyzy Ýulýa – 8107 – 22-32-64. Şu nomerlere jaň etsem, “Siziň jaň edýän belgiňiz ýok“ diýdiler.

12.11.09.

Düýn Gurbanjemallara baryp, ejemi soradym. Ýagdaýy gowy. Gürrüňden gürrüň çykyp, men: “Çaga wagtymyz ejemiň bişiren tüwüsiniň tagamy agzymdan gidenok. Ýogsam onuň içinde käşirem ýokdy. Nämüçin şo döwürde obamyzda käşir ekýänem ýok eken. Şäherden getirmelidir öýdendirler-dä” diýsem, ejem: “Biz gyz wagtlarymyz (kyrkynjy ýyllar) hem kartoşkany bilenokdylar. Soň ekilip başlandy. Ýöne kakam (otuzynjy ýyllar, kakasy Hudaýberen serdar Babasadyk ogly – A.Ç.) hemişe sogan ekýärdi” diýdi. Babamyzy otuz ýedinji ýylda “halk duşmany” diýip basýarlar. Ejemiň ejesi Enegyz bolsa çaga üstünde (ejem doglanda) ýogalypdyr. Ol Nurberdi aýy diýýän adamyň gyzy eken (aşaky obadan – A.Ç.), dogany Ata (Babasadyk bolmaly – A.Ç.) frontda ýogalýar. Gyz jigisi Akjemal – ýedi-sekiz ýaşynda ýogalypdyr (onuň ejesi aýry, babam aýaly ölenden soň Annatäç diýen aýala (lakamy – Kekeç) öýlenipdir, men ol aýaly gördüm. Ol segseninji ýyllaryň ahyrlarynda ýogalan bolmaly, soň baran adamsy Rejep aga – frontowik, 90 ýaşdan geçip, ýalňyşmasam, birküç ýyllykda ýogaldy. Şol gyz ondan bolan. “Gaty owadandy” diýip, ejem gürrüň beripdi.

04.12.09.

Şu gün teke bazarynda Nobatguly Rejebowa gabat geldim. Gadyrly görüşdik. “Pensiýa ýaşa ýetensiň-le?” diýip sorady. “Ýene iki ýyl bar. Şu ýylyň tomsy 60 ýaşadym. Öň 60 ýaşda pensiýa çykylýady. Birtopar deň-duşlar 62 ýaşa ýetmän gitdiler” – diýdim.
“Ogluň maňa bir gezek uly kömek etdi. Gyzymyň diplomyny

priznawat etmediler. Ministrlige bardym. Ogluň işleýän eken. Men oňa “Maňa bir orus tapmaga kömekleş. Şo işimi düzeder” diýsem, ol bir orsy tapdy. Işim düzeldi. Sag bolsun. Ogluňa salam aýt” diýdi.
Men türkmen hakda Gulmuhammedowyň 30-njy ýylyň başynda “Türkmen medeniýeti” žurnalynda Samoýlowiç barada ýazan makalasynda Grodekowyň “Eger irde-giçde ýeriň ýüzünden türkmenleri ýok etmek hakynda perman çyksa, bu adamzadyň peýdasynadyr” diýip, ýazandygyny aýtdym. “Maňa şony tapmaga kömekleşsene. Men şoň ýaly zatlary bellik edýän bloktonym bar” diýdi.

10.12.09

Daçada şu gün Egem atly elektrik bilen tanyşdym. Ol elli dört ýaşynda. Menden uly görünýär.
Atasy – Porsak gyşyk 104 ýaşapdyr. Kakasy Meňli aga häzir 87 ýaşynda. Atasy elmydam eşekli gezipdir. Ýogsam çagalarynda maşynam bar eken. Daşhowuz şäherinde ýaşap, on ýedi kilomertlik uzaklykda ýaşaýan agtyklaryny görmek üçin eşekli barýan eken. “Eşegimi getiriň” diýip, eşege mündürenlerinden soň ýola düşýän eken. Barybam: “Bu öýde adam-gara barmydyr?” diýýän eken. Agtyklaryna her gezegem bir kilo prýanik alyp barýan eken. Bir çäýnek çaý içibem yzyna dolanýan eken. Eşek eýesiniň ýoluna belet bolupdyr. Özi äkidip, özi getiripdir.
Atasy ölen güni gazetden žurnalistler gelip, «Ýaşuly bilen gürrüňdeş bolmak niýetimiz bardy” diýdiler. Kakam “Ony şu gün jaýladyk” diýdi.
– Kakamyň öz ýaşaýan töwereginde abraýy bardy. Bir gezek iki ýarym ýaşly çagajyk ýogalypdyr. Molla muňa: “Jynazany kim oňa azan aýdan bolsa şo çyksyn” diýipdir. Kakam mollany çagyryp getirip: “Munuň jynazasyna azan okan mollasyny taparys, ýöne seň öleňde (molla şo wagt 60-70 ýaşlarynda bolmaly) seniň azançyň tapylarmyka?” diýensoň, molla “jynaza çykaýyn” diýip razylyk berse-de, kakam ony kowup goýberdi.
Kakam bir gezek: “Kliýent geldi. Nahar iýer ýaly stol zakaz edip gitdi. Her tarapynda çekerleri hem bolmaly. Ine, onuň

üstüne ýazar ýaly owadan klýonka-da goýup gitdi” diýdi Men haýdan-haý işe girişdim. Howlymyzda öz sehimiz bar. Agşam sagat 10-a çenli stol taýýar boldy. Kakama “Hany kliýent” diýsem, ol özüni görkezdi.
Şondan soň biz şol stoluň başynda oturyp, çaý içýärdik. Nahar iýilýärdi. Bular üçin gerekli enjamlaryň hemmesi çekerlerdedi.
Ir döwürlerde kakam dagyny kulak diýip Ukraina sürgün eden ekenler. Bäş ýyl şo ýerde bolupdyr.
Onuň bilen soň aramyz degdi. Göwnüme degdi. Üç gezek Aşgabada gelip gitdi. “Yzyňa dolan” diýdi. Gitmedim. Ol meniň kiçi oglumyň göwnüne degdi. “Şol oglanyň gününi görübileňok” diýip, yzymdan hasasyny zyňdy. “Gaýdyp şu gapydan gelme” diýdi. Soňky gelende-de, „Men ölsem, gabryma bir gysym gum oklajak dälmi?” diýdi. Men “Bir gysym gumy şu ýerden ibererin” – diýdim. “Egem adyň nämäni aňladýar?” diýsem, “Men özbek, hakyky adym Egemberdi, ol Allaberdi, Hudaýberdi manysynda” diýdi. Egemberdi – Eýýämberdi bolmaly.
Kakasy hakda ýene bir wakany gürrüň berdi: ol çaga laçyny tutup getiripdir. Onuň iki gözünem tikipdir, her gözüne iki tikin. Ýarym ýyla çenli özi naharlapdyr. Ýene ýarym ýyldan soň onuň her gözünden bir tikinini aýrypdyr. Ýene ýarym ýyldan bolsa ikinji tikinini hem aýrypdyr. Tikin aýrylandan özüne topulsa ony iki gün aç saklapdyr. Şeýdibem bir ýarym ýylda laçyny eldekileşdirip, goluna mündürip aw awlamaga äkidipdir.

21.12.09 (duşenbe)

Filologiýa ylymlarynyň kandidaty Çary Kulyýew bir gürrüň berdi. Çary ýazyjy Kömek Kulyýewiň inisi.
– Ejem agyr näsaglady. Oblastdan çagyrylyp getirilen wraç ejemiň keselini anyklap, kakamy daşaryk çykardy. “Aýalyňyz köp gitse, bir hepde ýaşar” diýipdir. Kakam şonda özi hem bilmän, wraçyň gulagynyň düýbüne suňşurdy. Ýanynda duranlar olary araladylar. Kakamdan wraçy näme üçin uranyny soranlarynda, “Ol göwünlik bermegiň deregine, bir hepdeden öler” diýip aýtmasy näme?” diýip jogap berdi.
Ejem şondan soňam ýigrimi-otuz ýyl ýaşady.

09.01.2010 (şenbe)

Öňňin (07.01.2010) Baýram Jütdiýew bilen gabatlaşdyk. Kitap çykaryp bolmaýanlygyndan zeýrendi. “Kitabyň bolmasa, näme hakda gürrüň etjek?” diýdi. Maşynym bilen ony öýünde goýdum. Öýüni ýykypdyrlar. 20 hojalyk dagy ýaşaýan eken. Men hem öz öýümiň 1972-nji ýylyň gyşynda ýykylandygyny gürrüň berdim.
“Başda halal baýlar hakda ýazypdyk” diýdi. Men halal baýyň aňsat-aňsat döremejekdigini ýaňzytdym. Ýanymyzda bile işleýän ýoldaşym Çary Kulyýew hem bar. Ony men Baýrama tanyşdyrdym. “Kömegiň inisi bolsa edep-terbiýäni görendir” diýdi.
Ol menden: “Allaýar, öýlendiňmi?” diýip sorady. “Ýok” diýdim. “Aý, hawa-da, indiden soň öýlenmek nämä gerek”.
Men ondan “Baýram aga, özüň öýlendiňmi?” diýip soradym. “Öýlenemok. Bir 70 ýaşly kursdaşym bar. Ol menden “Baýram öýlendiňmi?” diýip sorady. Menem “Ýok. Eger sen gelseň, öýlenäýjek” diýdim. Sesini çykarmady” diýdi.
“Dişimi bejertdim. Doktora “Entek meniň çeýnemeli zadym kän diýip aýtdym” – diýdi. (Çeýnemeli adamlarym manysynda düşünmeli – A.Ç.).
“Öýümizi ýykanlarynda köne maşynlar ýykyp bilmedi. Sowremennyý maşynlary getirip ýykdylar” diýdi. Oňa Aýtakow köçesiniň ugrunda, Mir-5-iň iň çetinden jaý beren ekenler.
Çaý hödür etdi.
Amanöwez Saparowy hem şo ýerde gördüm daşyndan. Şo ýerde ýaşaýandyr-da.

25.01.2010 ý.

Nohur şiwesinde aýdylýan käbir sözler:

1. Lykym (ýa-da lütüm) çykdy – ýadamak.
2. Lüp bolmak – söz tapmazlyk, jogap berip bilmezlik.
3. Müşlemek (myşlamak) – hamyr ýugurmak.
4. Tütün – tüsse.
5. Nist-nawut – ýok bolmak.
6. Göç-gännä – mysal üçin, erbet ýol.
7. Ämjägimiň etinä dönsün – ýok zat.

8. Minnikgä – azajyk.
9. Hälä göwnüň galmasyn – göwnejaý edilmedik iş.
10. U jaýa ot galasana – o jaýda ot ýaksana.
11. Ýurduň gäwäsi – ýurduň küntüsi.

05.02.2010 (anna)

Birki günlükde edarada professor Seýit Atalyýewiç Garryýew hakda ýazan makalamy (rus dilinde) okap bermegimi işdeş ýoldaşym filologiýa ylymlarynyň kandidaty Myrat Jumaýewden haýyş etdim. Ol şonda professor bilen baglanyşykly wakany gürrüň berdi.
– Dil – edebiýat institutynyň häzirki Atalaryň (Ata Gylyjow) oturan kabinetinde bir işgäriň doglan güni bellenildi (2-nji gatda). Menem filologiýa ylymlarynyň kandidaty (Öde Abdyllaýewiň ogly) Döwran Abdyllaýewiň ýany bilen şo ýerik barypdym. Şonda Seýit Atalyýewiç hem oturan ekeni. Içmegi teklip etseler, ol "ýaraman" diýdi. Şonda-da Döwran etmän, "Hany, içsene" diýip, halys goýmansoň, azajyk şampany owurtlady. Az wagt geçmänem ýüregini tutdy. Men onuň goltugyna girip, aşak düşürdim. Basgançakdan düşüp barýarkak, "Aý, häzir düzeler" diýýärdi. Şondan soň ol keselhana ýerleşdi, birküç gündenem "ýogaldy" habaryny eşitdik.
Döwranyň özüniň içmedik güni ýokdy. Işde-de içgilidi. Içmese oňup bilenokdy. Ol şondanam ýogaldy.

06.02.10 ý. (şenbe)

Baýronda aýallar hakynda şeýle gep bar: "Ih sleduýet horoşo kormit i horoşo odewat, no otnýud ne dopuskat obşestwo. Oni dolžny poluçat religiznoýe wospitaniýe, no ne znakomitsa ni s poeziýeý, ni s politikoý, a çitat tolko duhownyýe i powerennyýe knigi".
Russo: "Ženşiny w obşem, ne lýubýatsa ni odnogo iz iskusstw, niçego ne ponimat ni s odnom iz nih i wsestoronne bezdarny".
Şopengauer: "… Ženşiny ne çuwstwuýuti ne ponimaýut ni muzyky, ni tem bolýee poezii, ni izobrazitelnyh iskusstw; wse eto u nih – odno obezýannaçany, predlog, pritworstwo, wyzwannoýe ih

şelaniýem ntawitsýa.
Erkekler hakynda Mopassanyň ýazany: “Kak çasto prihoditsa slyşat“ “On oçarowatelen, etot çelowek, no on prostitutka, nostoýaşaýa prostitutka!..”

06.02.10

Düýn men Ylymlar akademiýasynyň Merkezi kitaphanasyna baryp, ýazýan ylmy işim üçin “Edebiýat we sungat” gazetiniň 1958-nji ýylyň 1-nji iýulyndan başlap, ýylyň ahyryndakysyny zakaz etsem, iýul, awgust aýlarynyň ýokdugyny aýtdylar. Men geň galdym.
Soňky birki ýylyň podşiwkasyny alyp okalga zalyna girip, birki sagat işlänimden soň, zakaz kabul edýän gyzlaryň biri gelip, gazet podşiwkasynyň öz göz alnynda okalýandygyny, şonuň üçinem bu ýerden çykmagymy haýyş etdi. Men o ýerden zatlarymy alyp çykdym, görkezen ýerlerinde oturyp işledim. Stul pes bolansoň, gazet sahypalaryna göz gezdirmek aňsat däldi.
Men işimi boldum edip, şo ýeriň müdiri Aýna Gurbanowna bilen gürleşdim. “Meni zaldan kowdular” diýsem, “Ýok, beýle däl, Allaýar aga! Zalda okalsa, gazeti ýyrtyp alýarlar. Bir doktor naugyň şeýle edenini öz gözüm bilen gördüm” diýdi. “Ine, şu podşiwkada-da kesilip alnan ýeri bar” diýip görkezdim.
“Men indi munuň üçin Almaz Ýazberdiň (direktory) ýanyna barmalymy” diýsem, “Ýok, barmaň. Barybir ol bize tabşyrar” diýdi. Garaz, zalda okamagy göwünsiz razylyk aldym. Öýländen soň, gelip işledim. Podşiwkalary tabşyramda, kabul eden gyz “Bilýäňizmi, gazet podşiwkasyny zalda okamaga diňe size rugsat berildi” diýip aýtdy.

06.02.10

Öten agşam kakam düýşüme giripdir. Ýanynda Eke Baýrammyrat hem bar eken. Kakam meni Moskwa işlemäge iberjek diýýär. “Nädip o ýerde gün-güzeran dolandyrarkam, iş taparmykam?” diýip gaýga batan ekenim.

07.02.10 ý.

Ýaňy ýazyjy Atajan Tagan jaň etdi we dosty Kakajan Açylowyň “Garagum” žurnalynda meniň (Allaýar Çüriýew) rubagylarymy hezil edip okandygyny aýdypdyr.
“Okadym, gaty gowy ekeni. Gutlaýan” diýdi.
Atajan Taganyň jaňyna begendim.
08. 02. 10.

Atajan Taganyň öýüne jaň etdim. Ol menden Sumbaryň narynyň 4 sany nahalyny getirip bermegimi haýyş edipdi. Şonda ol muny Döwletgeldi Ökdürowyň ady bilen baglanyşdyryp aýtdy (Gözel Sumbaryň nary…).
Ol ýene-de rubagylarym hakynda aýtdy. “Agşam Ahmet Mämmetlerde oturdyk. Almaz Ýazberdi, Muhammet Orazow… (ýene biri – A.Ç.) şonda seniň rubagylaryňy hem ýatladyk. “Garagum” žurnalynda gowşak goşgular köp gidýär”.
“Men haýyşyňy bitirdim” diýdim. “3-4 gün ýere gömüp goýsam bolar-la” diýdi. Ol şu ýakynlarda Murgaba gitjek. Olary şo ýerde ekjek.
Degşip “Taryha girersiň” diýdi.
“Meniň “Garagum” žurnalynyň 1-nji sanynda, ondan öňki sanynda hekaýam çykýandyr. Şony okama. Ýöne “Diýaryň” 1-nji sanynda Özbegistan hakynda kiçiräk makalam bardyr, gabat gelse, şony okaý” diýdi.
Ýarym sagatdan duşuşmaga şertleşdik.

12.02.10 (anna)

Merjeniň doglan güni. Irden gutladym.
Düýn ýazyjy Atajan Tagan jaň etdi: “Täze kitabyňy (“Seniň söýdük gara gözleň…) boýdan-başa okadym. Gaty gowy. Her goşgyň senesine çenli ýazypsyň. Gowy edipsiň. Men ozal aýdymlaň köpdügini bilýädim. Kompozitorlaň hemmesi bilenem işleşen ekeniň” diýdi.
“Boş wagtyň bolsa Gurban Agalyny hem alyp, daçam bar, şo ýerde bir käse çaý içeli” diýsem, “Ýok, men baýlaňka barmajak bolýan” diýdi. “Men baý däl-ä”. “Daçaň bolsa baý bolýaň. 3-4 sany baý ýoldaşym bar. Çagyrýarlar. Barýan. Soň öz öýüme gelesim gelenok. Geçen ýyl Berdi Kerbabaň uly oglunyň 40-na,

Berzeňňä Atamyrat bilen bardyk. “Baýlaň ýaşaýan jaýy, Esen Nazaryň öýi “diýip bir kaşaň jaýy görkezdi welin, men-ä haýran galandyryn. Esen Nazary men başgaça göz öňüne getirýädim. 80 müň dollara elita jaýam alypdyr.
Iki otagly jaýym bar. O gün iki agtygym, gyzym, birküç sany garyndaşym geldi weli, men-ä öz jaýymdan utandym. Men bahylçylyk edemok”.
– Atajan aga, seňki iki otagly bolsa, meňki bir otagly, özem 17 kwadrat metr. – Haçan Mara gidýäň?.
– Ertir.
– Sag-aman gidip gel.
Şeýdip gürleşip goýduk.

13.02.2010 ý.

Kakam bir gezek oba baranymda: “42 ýaşa çenli ýaşan ýaşymdan razy” diýipdi.
Ýaňy şu hakda pikire batdym. Öz 42 ýaşymy göz öňüne getirdim. Ol 1991-nji ýyla gabat geldi. Sowet döwletiniň ýykylan ýylyna gabat geldi. Menem kakamyň pikirine doly goşulýan. Ähli betbagtçylyk şondan soň başlandy.
R.S.: Kakam 1927-nji ýylda doglandy. Pahyr 42 ýaşynda işinden aýrylypdy. Çagasy köp bolansoň kynçylyk döräpdi. Soň gowulaşypdy.

07.03.10

Düýn – 6-njy mart, şenbe güni, irden 6-larda filologiýa ylymlarynyň kandidaty Abdyrahman Mülkamanowyň ýogalan habaryny, maşynly orus bazaryna gidip barýarkam, institutymyzyň deňinde, (Abdyrahman aga-da bütin ömrüni şol institutda işläpdi) işdeş ýoldaşym, filologiýa ylymlarynyň kandidaty Myrat Jumaýew jaň edip aýtdy. Instituta bardym. Aman Nurmuhammedow, Oraz Akmämmedow, Myrat Annaýew, Myrat Jumaýew Abdyrahman agalaryň öýüne bardyk. 6-njy mikroraýonda ýaşaýan ekeni. Öýüň töweregi adamsyz. Irden ony Mara äkidipdirler. Muny bize şo ýerde ýaşaýan bir gyz habar berdi.
Ýatan ýeriň ýagty bolsun, Abdyrahman aga!

Geçen ýyl ol maňa öz ahun kakasy hakda gürrüň beripdi. Men onuň gürrüňlerini şu depderiň bir ýerinde ýazypdym.
Instituta geläýen uçurlarym ol menden medinstitutda okaýan öz garyndaşyna dekanyň azar berip, ony ekzamenlere goýbermeýändigini aýdyp, menden kömek etmegimi haýyş edipdi. Men dekany az-owlak tanamsoň, Abdyrahman agany hem alyp, onuň ýanyna girdim we haýyşymyzy aýtdym. Abdyrahman aganyň doganynyň ogly – student aýagy agyrany üçin bir çäre gatnaşmandyr. Bolsa-da ol dekan ýigit kömek edipdir.

20.03.2010. Şenbe

Ýaňy ymyzganan ekenim. Jaň gelýär. Çalygyp, trubkany alsam, Atajan Taganyň belent sesi. Nowruz bilen gutlady. “Allaýar, nowruz Begmyrat neresse (B.Ussaýew – A.Ç.) üçimiziň baýramymyzdyr. Arkaýyn belläber” diýdi. “Goşgularyňy okadym” diýdi. Düýn “Edebiýat we sungatda” bahar hakynda iki sany goşgym çykypdy.

16.04.10 ý.

Düýn işde, gürrüňden gürrüň çykyp, derman otlary hakda gürrüň gitdi. Filologiýa ylymlarynyň kandidaty Çaryýar Garajaýew bir gezek radioda Hojaguly Suhangulyýew çykyş edip atgulagyň, gyjy-gyjynyň atlaryny şiwe dilinde tutandygyny aýtdy. Soň radio hat gelip, düşündiriş bermeklerini soranlarynda, habarçy gyz gelip Çaryýar agadan haýyş edipdir. Ol derman otlaryň atlarynyň terminleri bilen iş salyşýar.
Çykyş edipdir. Hojaguly öz adyna aýdylan tankyda gahary gelip jaň edipdir . Hojaguly käşiri, ýene bir zady öwüp, Wamberiniň kitabynda-da bular hakda bardygyny aýdypdyr. (Meniň özüm hem onuň bir çykyşynda Wamberiniň dogramanyň iň gowy nahardygyny aýdandygyny, kitabynda ýazandygyny öz gulagym bilen eşidipdim – A.Ç.). Wamberiniň kitabyny sahypa-sahypa agdaryp çykdym, käşir we beýleki zat hakda hiç zat ýok. Işleýän Botanika bagyna bardym, “Ýok” diýdiler diýýär.
Ine, şeýle gülkünç ýagdaýlar hem bolýar. Çünki “munyň bolanok” diýýän adam ýok.

26.04.10

Düýn Orazgülüň, şu gün hem Mekanyň ýylyny belledik. Nury Orazowiç Orazmuhammedow hem geldi.. Iki gözem görenok. Ýanynda Kakabaý Ylýas, Gurban Agalyýew. Bally gülçi diýýän bir adam Nuryny getirdi.
Akmämmet Annaýew bilen bile bolan wakany gürrüň berdim. Gaçyp Nurularyň gapysyny kakanymyzy, kakasy Oraz Orazowiçiň öýünde oturanymyzy ýatladym.

29.04.10

27-sine "Edebiýat we sungat" gazetiniň redaksiýasyna bardym. Azat Rahmanyň kabinetine giren Akjemal Çaryýewa meni görüp, gözüne ýaş aýlady. "Adam gören ýaly bolýaň" diýip hamsykdy. Segseninji ýyllaryň ortalarynda ony men redaksiýa işe aldyrypdym. "Häzir gürleşere adam ýok" diýdi. "Giň bol!" diýip köşeşdirdim.

04.05.10 ý.

Düýn institutymyzda Beýik Ýeňşiň 65 ýyllygyna weteranlar Samet Agaýew, professor Pirnepes Nurmedow (urşa gatnaşanlygy näbelli, ýöne özüni urşa gatnaşan hasap edýär?), hemem esgeriň yzynda galan Doýduk eje gatnaşdy. (Doýduk eje: "Ýaşasym gelýär" diýdi). "Uruş weteranlary, "Gerçekler", "Zenan" (dul galan gelinlere bagyşlanýar) goşgularymy okadym. Duşuşyga Marydan Ümür Esen hem gatnaşdy. Ahyrynda söz berdiler. Gowy gürleýär. Uruş döwrüniň oglany. Men hakda oturanlara: "Ine, şu inimiz ýaly, 37-nji ýylyň wakalary hakda bütin halky aňk etmeli" diýdi.

13.05.10

Hudožnik Şamuhammet Akmuhammedowyň üçi güni Tirkiş Jumageldi bilen bile oturdym. Gaýdyşyn men ondan "Marydan Mekgä çenli" diýen kitabyny bermegini haýyş etdim.

17.05.10

Men Tirkişiň “Merwden Mekgä çenli” kitabyny okap otyryn. Gylyç Kula, G. Gurbansähedowa, Italmaza degişli oçerkleri okadym. Gowy ýazypdyr.
Bir gezek “Ýaş kommunist” gazetinde meniň edebi ýaňsylamalarym çap edilipdi. Şol günleriň biri Italmazyň ýaşan ýerlerine işim düşüp barýadym. Italmazyň ýanynda Durdymämmet Öräýew, ýadyma düşenok, ýene bir adam bolmagy mümkin, gezmeläp ýören ekenler, öňümden çykdylar. Şo günler Italmaz ýaranok diýip eşidýärdim. Saglyk-amanlykdan soň men onuň saglygyny soradym. Italmaz edebi ýaňsylarymy okandygyny, aýratynam Ökdem Eminiň goşgusyna ýazan ýaňsylamany gowy görendigini aýtdy. Italmaz Nury ýaly ussatdan öwgüli sözi eşidip begenipdim. Uzak wagt geçmänem Italmazyň ýogalan habaryny eşitdik. Onuň jesedini öz dogduk obasyna äkidipdirler.

17.05.10

Ýaňy Agamyrat Setdarow (indi birnäçe wagt bäri näsag, düşekde ýatyr. Weteranlarda buhgalter bolup işläpdi) jaň edip, uruş weteranlarynyň başlygy Tokaýewi işden aýrandyklaryny habar berdi. Ony Oraz aga Nepesow ýogalandan soň (20. 01. 06) ýerine goýupdylar. Gödek we medenietsiz …

19.05.10

Üç-dört günlükde işdeş ýoldaşym filologiýa ylymlarynyň doktory Orazdurdy Çommadow bilen söhbetdeş bolanymda professor Kakajan Muhammetberdiýew hakynda gürrüň etdik. Orazdurdy aga merhum professoryň agasy Baýram Çommadowyň ýanynda jaýlanandygyny ýaňzytdy. Men Kakajan aga bilen gowy tanyşdygymy aýtdym. Ol hakda 90-njy ýyllaryň başlarynda “Taryhy taryhyň özi ýazýar” ady bilen uly makala hem ýazandygymy aýdyp goýberdim weli, ol “Dur, dur, Allaýar, Kakajan aganyň başujunda bir ýazgy bar. Şol seň sözüň eken-ow” diýdi. Nähili söz diýsem, ol “Taryhy taryhyň özi bolup ýazdyň” diýen ýazgy” diýdi.
Kakajan aga ýogalanda men näsagdym. Onuň jaýlanyşyna gatnaşyp bilmändim. Garagalpagystandan yzyna gelip, Aşgabatda işe başlansoň, ol meniň ýazan makalalarymy okaýan ekeni. Bir gezek

arhiwde ýygnak bolanda, ýygnak gutarandan soň, ol meniň bilen özi tanyşlyk açdy. Şondan soňam ol öýe jaň edip durýardy. Otuz ýedinji ýylyň tutha-tutlugy dogrusynda kandidatlyk dissertasiýasyny goramagyma itergi berjekdigini hem ýaňzydypdy. Munuň üçin ikimiz ol ylmy işiň adyny hem tapypdyk. Ony alymlar geňeşine hödürlejekdigini hem aýdypdy. Ýöne şol günler men nähoşluk tapyndym. Şonuň bilenem gürrüň gutarypdy.
1994-nji ýylda “Türkmen arhiwi” žurnalynda çykyş edende, ol akademik Gaýyp Nepes hakdaky makalama salgylanypdyr. Bu hakda maňa bir gezek edebiýatçy Durdymuhammet Nuralyýew redaksiýada gabat gelşemizde aýdypdy.
Şol žurnalyň 1996-njy ýyldaky 1-2 sanlarynda taryh ylymlarynyň kandidaty A.A.Ýeskow hem Gaýyp Nepes hakda makala ýazypdyr. Şonda-da ol maňa salgylanypdyr.

19.05.10

Düýn ýazyjy Seýitnyýaz Ataýewiň ýogalandygyny eşitdim. Pahyryň garrylygy horlukda geçdi… Ýatan ýeriň ýagty bolsun, Seýitnyýaz Ataýew!

29.05.10. (şenbe)

Irden Kakabaý Ylýas jaň etdi. “Annaberdi Agabaýew Köşiniň hassahanasynda, reanimasiýada ýatyr. Äkidip gelseň” – diýdi. Men düýn maşyny remonta goýandygymy aýtdym. “Bile gidip geläýeli” diýdim.
Awtobusly (10-njy nomerli) Köşä bardyk. Annaberdi ýedi günden bäri reanimasiýada ýatan eken. Muny bize onuň aýaly Gözel aýtdy.
Annaberdiň ýagdaýy gowy diýdiler. Ýazwa želudka. Içinde ýarylypdyr. Ilki demirýol hassahanasyna eltipdirler. “Bizde operasiýa edenoklar” diýip kabul etmän, Köşä iberipdirler. Ýolda maşyn silkip gidipdir. “Meni köne maşyna mündürdiler” diýip, Annaberdi sögünip gidipdir. Demir ýol keselhanasynda „Aýalyna, dogan-garyndaşlaryna aýdyberiň, ýagdaýy agyr” diýipdirler.
Köşüde ony Wladimir Aşotowiç Melkumýan diýip garry wraç

operasiýa edipdir. Şowly geçipdir. Bu hirurg şäherde iň gowy hirurglaryň biri. Men 2006-njy ýylyň maýynda ýazwam açylyp, şu ýerde ýatamda, ony pensiýa ugratjak bolup azara galýardylar. Bolsa-da, oňa işlemäge rugsat beripdirler. Garranda näme, şunuň ýaly ökde adamlary işletmel-ä! 80-nji ýyllaryň başlarynda Orazgülüň zobuny operasiýa edenem Wladimir Aşotowiçdi. "Ökde hirurg" diýip, aýalym Orazgül pahyr agzyndan düşürmändi. Şunuň ýaly adamlaň ýaşap, işläp ýörenine neneň begenmejek!
Annaberdileň köne jaýlaryny ýykyp, Gogol köçesiniň ugrundaky täze jaýlardan 4 otagly jaý beripdirler.
"Il ýaşulyňa, narodnyňa zat ýok. Jübiňe seredýärler" diýip, Gözel aýtdy.
Ony taksi tutup, öýlerine ugratdyk. Özümizem maşyn tutup, gaýtdyk.

30.05.10

Kompozitor Daňatar Öwezowyň "Edebiýat we sungat" gazetiniň habarçysyna beren gürrüňinden (25. 05. 1965):
– Gara Seýitli gowy çykmagy üçin ýadamany-ýaltanmany bilenok. "Hallygözel" aýdymy üçin sözden, sazdan näsazlyk tapylyp, Gara az ylgan däldir. Men "Täzegül" aýdymynyň dört taktyny tapman, bir ýyl saklapdym. Bäý, Garanyň jan çekäýşini, şol aýdym üçin Hojaw Annadurdynam ýanyna alyp, ýüz ýola dagy üstüme geldi. "Leýla" aýdymyny ýazjakdygy barada Gara üç ýyllap gürrüň edip gezdi.
Gurrasy duşman, şonça wagt gürrüň edensoň, ahyry göwnüne jaýlap, "Leýlanyň" sözlerini getirdi.

02.06.10 ý.

Şu gün Içeri işler ministrliginiň çeper ansamblynyň ýolbaşçysy Nury Nobatow ministrligiň ýolbaşçylarynyň adyndan sowgat gowşuryp gitdi: Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi diýen ýazgyly ruçka, ministrligiň žurnaly. emblemalary, bloknot, diwar sagady we sekretkaly sumka.
Polisiýa gününde, konsertde meniň sözlerime ýazylan aýdymlaryň

bäşisi (sazy Gurbanmyrat Nobatowyňky) aýdylypdyr.

21.06.10. (duşenbe)

Agşam sagat 2130-da şäherde harasat turdy. Güýçli ýel, tozan. Şu gün magnitnyý boldy. Özümi erbet duýdum.

22.06.10

Irden turdum. Ysgynym ýok. Işde ýaramadym, öýe geldim. Gyzgynym $38^{0}5$.
14:30 edarada attestasiýa geçirjekler. Ýarasam gitjek.

05.07.10

Birki sagat mundan öň jaň edip, Azat Rahmanow Annageldiniň ýogalan ekenligini habar berdi. Annageldi Nurgeldiýew – žurnalist, ýazyjy.
Men 1971-de uniwersiteti tamamlap, “Ýaş kommunist” gazetine işe baramda, ol ýalňyşmasam, gazetiň jogapkär sekretarydy. Soňky döwürde “Türkmenistan” gazetinde işledi. “Gözüniň ugry ýok” diýýärdiler. “Süýji keseli bar eken” diýip, Azat aýtdy.
Ýatan ýeriň ýagty bolsun! Onuň ýogaldy habary “Zaman” gazetinde çykypdyr. “Zamanda” ýazyjy Hudaýberdi Diwanngulyýew işleýär. Ikisi bile köp ýyllap “Ýaş kommunist” gazetinde işlediler. Ol Hudaýberdiden köp goldaw alandyr. Öňki işlän ýerleri-hä gynanç bermändir.

07.07.10

Düýn Berdi Kerbabaýew, Aman Kekilow hakdaky makalalarymy alyp, “Edebiýat we sungat” gazetiniň baş redaktorynyň ýanyna bardym. Irden bir, öýlänem bir – ikisinde-de “ýok” diýdiler. Kabulhanada oturan işgär sekretar gyzyň deregine: “Möhüm iş bilen gitdi” diýip, birnäçe gezek gaýtalady. Öýlän şofýory bilen sekretar gyz: “Ýok. Ertir sagat 11-de boljagyny toçno bilýän” diýdi.
Redaksiýaň işgärleriniň birine şeý diýsem, “Şeýle häsiýeti bar-da. Atajan Taganam şeýdeni üçin: “Öwrülip gapysyndan

gelmen” diýdi” – diýip aýtdy.
Soň habar tutsam, ol kabinetinde eken. Muny anyk bildim başga birinden.

14.07.10

Şu ýylyň tomsy gaty yssy. Ýewropa oduň içinde. Russiýa hem şeýle. Moskwada 40 gradus yssy.
Aşgabatda elli bäşden geçenini özüm gördüm. Munuň ýaly yssyny Moskwada gören-eşiden ýok.
Şu gün Moskwada belli žurnalist Ýuriý Çerniçenko 81 ýaşynda uzaga çeken keselden soň ýogalypdyr.

15.07.10. 15:01

Ejem doglan günüm bilen gutlady. 61 ýaşadym.

16.07.10

“Edebiýat we sungat” gazetinde Aman Kekilow hakda “Söz sungatynyň ägirdi” atly makalam çykmaly. Düýn gazetiň işgäri baş redaktoryň orunbasarynyň ýanyna baryp: “Aman Kekil kim. Şondanam bir ägirt bolarmy?” diýip heňkiripdir. Redaktora garaşypdyrlar. Şoň ýalylaň gepine gidip, materialyň ykbaly çözüljek bolsa boldugy-da!

23.07.2010 (anna)

A.Kekil hakda makalam çykdy. Filologiýa ylymlarynyň doktory Muhammet Gurbansähedow ýogaldy. Ony Çoganlyda jaýladyk. Hoşlaşmaga baranlaryň arasynda Daňatar Berdiýewi, Şadurdy Çaryýewi, Berdinyýaz Rahmanowy, Rahman Ylýasowy gördüm. Institutymyzdan Çary Kuly, Aman Nurmuhammet, Myrat Anna bardy. Almaz Ýazberdinem aldyk. Çoganla Aman Nurmuhammet ikimiz gitdik. Öwlüýäde jaýlamaga gatnaşan 25 adam. Iki ogly bar eken.
Gurbandurdy Gurbansähedowyň ogly Myrada gabat gelmedim.
Soňky işlän ýeri – Golýazmalar institutyndan hem erkek göbeklini görmedim.

Aprelde infarkt bolan eken. Şondan bärem öýünde ekeni.
Howa salkynrak. Öten agşam daçada – daşarda ýatdyk. Jana hoştap howasy boldy.
Ozallar ýylyň şu wagtynda ýagyş ýagýardy. Şuňa men her ýyl syn edýän. Köpüsinde gabat gelýärdi.
Almaz Ýazberdi ýolda şeýle gürrüň berdi: –Birki ýyllykda bir makala iberipdim. Makalada taryhy şahslaryň atlaryny türkmen atlary bilen beripdirler. Indi şo gazete material bermen.”
Men Muhammet aganyň makalasyny sorap, “Edebiýat we sungat” gazetiniň işgäriniň ýanyna baranda, ol işgär gaharly gürläpdir. Muhammet aga şonda: “Giremde gapydan giripdim weli, çykamda nireden çykmaly?” diýip sorapdyr – diýip gürrüň berdim.

27.07.10

Şu gün garrynohurly Kasym (1950-nji ýylda doglan) bilen tanyşdym. Özi mergen eken. Kasym mergen. Käkiliker ýaz aýlary durmuş guryan eken. Ýumurtga guzlandan soň urkaçysy ony basyp ýatýar. Iýmini oňa erkegi getirýär. Suwsasa erkegi ýumurtgany basýar, urkaçysy suwa inip gelýänçe.
Deştli bir awçy gaplaňy gapan bilen tutýar ekeni. Ol mergene “Gaplaň gapany süýräp äkidipdir. Yzyny çalaly” diýensoň, onuň yzyny çalyp gidipdirler. Gaplaň bir ýerlere çenli gapany süýräpdir, yzy bar, ýöne soň yzy ýitýär. çünki ol gapanyň yz goýýan ýerini dişi bilen göterip äkiden bolmaly. Şo ýerdenem yzy ýitýär. Yz çalmamyzy goýduk. Barybir o gaplaň uzak ýaşamaýar. Ölmeli.
Ömrümde doňuz atmadym. “Atsaň bolýar. Özümiz ýygnarys” diýip, serhetçiler kän yrjak boldular. Etmedim. Balkanda-da, Ahalda-da kän aw etdim.
Bogaz keýigi atmadym. Ir döwürde bir gezek ýalňyşyp atdym. Şondan soň puşman etdim. Bogaz malyň etiniň tagamy bolmaz.
Mumyýany syçanam iýýän ekeni. Balkan daglarynda gördüm şuny. Ony soň obrabotka etmeli bolýar. Gum mumyýasy hem bolýan ekeni. Ajy mumyýa, süýji mumyýa-da bolýar.
Käkilikler topar-topar bolup gezseler, atsaň bolar. Ýöne bir

ýa iki bolsa atamok. Sebäbi olaryň ýumurtga basyrýan wagtlary bolmaly.
Onuň ýene bir aýdany: soňky on bäş ýyl aw üçin gurak boldy. (Gurak diýdigi aw azaldy, bereket göçdi diýdigi).

28.07.10.

Şu aýyň 26-syna “Edebiýat we sungat” gazetiniň bir işgäri baş redaktoryň kabinetine eli pyçakly girip, ony pyçaklajak bolanda saklapdyrlar. Ony kabinetine äkidenlerinden soňam, ýene pyçakly gelipdir. Ýene ýetişipdirler.
Onuň däli haty bar ekeni. Ýatlamalar